# Türkmenistanyň Prezidenti paýtagtymyz boýunça iş saparyny amala aşyrdy

Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyz boýunça iş saparyny amala aşyryp, Aşgabat şäherinde we ýurdumyzyň welaýatlarynda gurulmagy meýilleşdirilýän saglygy goraýyş maksatly desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy, şeýle hem iş maslahatyny geçirdi.

Halkymyzyň saglygyny, bagtyýar durmuşyny we abadançylygyny üpjün etmek Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Şunuň bilen baglylykda, milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Milli Liderimiz tarapyndan işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda yzygiderli durmuşa geçirilmegi esasynda soňky ýyllarda saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar, ulgama innowasion tehnologiýalar, öňdebaryjy dünýä tejribeleri, ylmyň soňky gazananlary işjeň ornaşdyrylýar. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döwrebap lukmançylyk merkezleriniň, ugurdaş desgalaryň gurulmagy bilen bir hatarda, ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlanylmagyna hem aýratyn üns berilýär. Munuň özi halkymyzyň halkara ölçeglere laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlaryndan peýdalanmagy üçin mümkinçilikleri döredýär.

…Ir bilen döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň günorta künjegine geldi. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz mähirli garşylanyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurulmagy meýilleşdirilýän saglygy goraýyş maksatly desgalaryň, şol sanda Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk köpugurly hassahananyň, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň, şeýle-de Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynda saglyk öýüniň şekil taslamalary we olaryň ýerleşjek ýeriniň çyzgylary barada hasabat berdi. Bu täze guruljak saglygy goraýyş desgalary ýurdumyzyň lukmançylyk edaralarynyň üstüni ýetirip, olar dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylar we halkymyza halkara ölçeglere laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlaryny hödürlär. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen kabul edilen “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde milli saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak babatda amala aşyrylýan işleriň nobatdaky beýanyna öwrüler.

Hormatly Prezidentimiz ähli binalarda bolşy ýaly, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda gurulmagy meýilleşdirilýän täze saglygy goraýyş desgalarynyň gurluşyk işlerinde-de ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň, olaryň öz wagtynda ulanmaga tabşyrylmagynyň möhümdigini belledi. Şunuň bilen bir hatarda, döwlet Baştutanymyz saglyk

Все права защищены

edaralarynyň ylmyň soňky gazanan döwrebap enjamlary bilen enjamlaşdyrylmagy, şol sanda olarda sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanylmagy babatda anyk tabşyryklary berdi. Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, ýurdumyzda keseli bejermekden ozal, onuň öňüniň alynmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Diýarymyzda ýaşlaryň döwrebap bilim almagy, zähmet çekmegi üçin ähli şertleriň döredilýändigini aýdyp, bu saglygy goraýyş desgalarynda zähmet çekjek lukmanlaryň ýokary hünär derejesini üpjün etmek meselesine uly ähmiýet bermelidigini we bu ugurda dünýäniň öňdebaryjy klinikalary bilen özara hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň, hususan-da, onlaýn okuw sapaklarynyň guralmagynyň zerurdygyny belledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu ýerde degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýyna seredildi we käbir beýleki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň çäklerinde amala aşyrylýan gurluşyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýaýbaňlandyrylan gurluşyk işleriniň ýokary hilli we öz wagtynda ýerine ýetirilmegi üçin zerur çäreler görülýär.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe taýýarlygyň çäklerinde alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, şu ýyl Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanylan “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegine 30 ýyl boldy. Bu döwürde maksatnamadan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde saglygy goraýyş ulgamynda ägirt uly ösüşler gazanyldy.

Aşgabat şäheriniň häkimi R.Gandymow Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli paýtagtymyzda guraljak dabaralary ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Aşgabady has-da abadanlaşdyrmak maksady bilen, degişli işler ýerine ýetirilýär.

Soňra saglygy goraýyş we derman senagaty ministri M.Mämmedow ýolbaşçylyk edýän düzüminde alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Hasabatda nygtalyşy ýaly, Milli Liderimiziň başlangyçlary esasynda halkymyzyň saglygyny goramak, ömür dowamlylygyny uzaltmak, ilkinji nobatda, islendik keseliň öňüni almak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şunda saglyk merkezleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak babatda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňde goýýan wezipelerinden ugur alyp, lukmanlar halkymyzyň saglygyny goramak ugrunda tutanýerli

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

zähmet çekýärler.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmäge aýratyn üns berilýändigini, raýatlarymyzyň saglygyny goramak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi hem-de «Saglyk» Döwlet maksatnamasy esasynda Diýarymyzyň ähli künjeklerinde köp sanly halkara saglyk merkezleriniň, döwrebap hassahanalaryň, saglyk öýleriniň gurlup ulanmaga berilýändigini aýtdy. 10-njy oktýabrda ýurdumyzda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni giňden bellenip geçiler. Şu mynasybetli köp sanly möhüm ähmiýetli çäreler, şol sanda halkara çäreler geçiriler. Saglygy goraýyş desgalary açylyp ulanmaga berler. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz düýbi tutuljak saglygy goraýyş maksatly desgalaryň hem saglygy goraýyş ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berjekdigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli saglygy goraýyş desgalarynyň düýbüni tutmak dabarasyna gowy taýýarlyk görmegiň, «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergini we ylmy maslahaty ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini geçirmegiň zerurdygyna ünsi çekip, bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow iş maslahatyny jemläp, ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek, halkymyza edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini yzygiderli ýokarlandyrmak, adamlaryň ömür dowamlylygyny uzaltmak ugrunda alnyp barylýan işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

**TDH**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026